# «Göwnüňiz çökdümi eselersiňiz…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Göwnüňiz çökdümi eselersiňiz…"



*Üç ýüz altmyş öwlüýäleri ikinji käbedir. Oňa üç gezek zyýarat edeniň bir hajy sogaby bardyr.*
***Müjewürüň aýdany**.*
Göwnüňiz çökdümi eselersiňiz,
Göwnüňiz ösdümi peselersiňiz,
Derdi-azarlarňyz kemeler siziň,
Zyýarat ediň.

Kän mertlere pata beren erenler,
Horezmin ýurduny saklap durandyr,
Dilegler dergähe golaý barýandyr,
Zyýarat ediň.

Aýakgabyň çykar işikden ätläp,
Atalaryň ruhy kalbyňyz päklär,
Hajy bolan bilen barabarrakdyr,
Zyýarat ediň.

Guburlaň öňünde dyzyňa çöküp,
Ötenleri ýatla, bir aýat oka,
…Özüňi tanarsyň yzyňa bakyp,
Zyýarat ediň.

Uzyn azan çekip beýik münberden,
Azançy namaza çagyrar irden.
Belki, size hümmet ýeter pirlerden,
Zyýarat ediň.

Şöhrat ABDYÝEW. Goşgular